# Gandan beslenen syýasat

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gandan beslenen syýasat GANDAN BESLENEN SYÝASAT

Soraglary ýene bir gezek bermäge idin berýärsiňizmi: Türkiýede kürtçe gadaganmy?
Kürt dilinde bilim berýän hususy mekdepdir institut açmak gadaganmy?
Kürtçe gazet-žurnal, kitap çykarmak gadaganmy?
Kürtçe teleýaýlym, radio gadaganmy? (TRT-de kürtçe ýaýlym bar.)
Kürt raýatynyň partiýa gurmagy gadaganmy? Kürtçe propoganda işleri gadaganmy?
Kürt raýatynyň munisipialet başlygy, halk deputaty, ministr, premýer-ministr, prezident bolmagy gadaganmy?
Kürt raýatynyň kaýmakam, häkim bolmagy gadaganmy?
Kürt raýatynyň harby gullukçy, ofiser bolmagy gadaganmy?
Kürtüň döwlet işgäri bolmagy gadaganmy?
Kürt raýatynyň aýdymçy, artist, futbolçy bolmagy gadaganmy?
Kürt milli eşiklerini geýmek gadaganmy?
Kürtçe aýdym gadaganmy?
Kürtçe kinofilm, sahna eserleri gadaganmy? Şygyr gadaganmy?
Kürt raýatyna şereket açmak, firmanyň eýesi bolmak gadaganmy?
Türkiýäniň iň baý 100 adamy sanawyna girmek gadaganmy?
Kürte ýurduň belli bir ýerinde ýaşamak gadaganmy?
Kürt raýatyna syýahat etme erkinligi ýokmy? Bäş ýyldyzly otellere, lýuks restoranlara girmek gadaganmy?
Kürt raýatyna Käbä gitmek-hajy bolmak gadaganmy?
Kürt raýaty konstitusion hukuklaryndan peýdalanyp bilenokmy? Gadaganmy?
Ýagny:
Türkiýede türk raýatynyň nämä hukugy bar bolsa, kürt raýatyna şol gadaganmyş!
Ýeri onda… PKK nämüçin gan dökmegine dowam edýär? Munuň dürli hili düşündirişi bolup biler, emma bu gezekki gürrüňim PKK

däl.
Gürrüñ HDP barada barýar…

## ■ TORBADAKY KÄKILIK DÄL

Hiç kimse 2023-nji ýylyñ saýlawlaryny häzirden «torbadaky käkilik» sanmasyn.
Öñümizdäki iki ýyllyk müddetiñ ugruny esasy kesgitleýji faktor bolup çykyş etjek HDP-ä bolan çemeleşme bolar. Häkimiýetiñ-«Cumhur» ýaranlygynyñ HDP meselesini hemişe gyzgyn saklajagyny çaklamak üçin müneçjim bolmagyñ hajaty ýok.
Häkimiýetiñ bu çemeleşmesine garşy HDP neneñsi syýasy strategiýany tutarka?
PKK ýaragly terrorçylygyna dowam etjek bolsa…
HDP PKK-ny goldamaga dowam etjek bolsa…
Ýagny, görnüp duran ganly-ýalançy müddet dowam etjek bolsa, «Millet» ýaranlygynyñ bilelilkde ýol aşmasynynyñ barha kynlaşdakdygyny öñünden görmek üçin weli bolmagyñ geregi ýok.
Öñümizdäki müddet gapma-garşylykly geçjege meñzeýär, bu syýasy müddetiñ baş aktýory HDP bolar!
Gaýtadan soraýaryn: HDP näme ederkä? Nähili syýasy çarçuwada hereket ederkä?
Hakykat şu: HDP PKK-Kandil tegmilinden arassalanman pessaý ses bilen terrorçylyga oñyn garamagy dowam etjek bolsa, häkimiýetiñ «oýnawaç partiýasyna» öwrüler. Olaryñ garşysyna toplanan aýyplaýjy materiallar we başgalar munuñ aýdyñ subutnamasydyr…
HEP, ÖZDEP, DEP, HADEP, DEHAP, DTP ýaly HDP-niñ ýapyljagyna ynanamok, häkimiýet HDP-ni diñe gapma-garşylykly syýasaty üçin ulanmagyna dowam eder… Häkimiýet saýlawlarda ses sandygyny halkyñ öñüne şu taktika bilen diker: HDP-niñ tarapyndamy ýa oña garşymysyñyz? Ýagny, «milliler»-«gaýry milliler»…
Öñümizdäki syýasy bölünişmeleriñ, toparlanyşmalaryñ şular ýalyrak şekillenjegini çak edýärin…
HDP muny analizläp, silkinse gowy bolmazmy? Eger munuñ jogaby «hut şeýle!» bolsa HDP ýa-ha PKK-niñ ýaragy taşlamasyna-terorra nokat goýmagyna ýardam eder, ýa-da Erdoganyñ ýene

ýeňiş gazanmagyna sebäp bolar…

## ■ HDP ÝOLAÝYRTDA

HDP Erdogan häkimiýetiniň soňlanmagyny isleýärmi? Hawa!
PKK Erdogan häkimiýetiniň soňlanmagyny isleýärmi? Sowala gutarnykly «hawa» ýa-da «ýok» diýmek mümkin däl!
PKK-niň agzala we gapma-garşylykly syýasatdan beslenýändigi syr däl.
HDP indi bu ajy hakykat bilen ýüzleşse gowy bor. Iki arada durup – özüňi «ak jüýje» görkezip, syýasat ýöredip bolarmy?
PKK zulumynyň-gan dawasynyň «kör söweşe» sebäp bolýandygyna düşünenokmy? HDP ýeň astyndan synçy wezipesini dowam etdirmekçi bolýarmy, ýogsa-da terror döwrüni soňlandyrjak çäreleri amala aşyrarmy?
HDP häzir ýolaýyrtda dur… Häkimiýetiň-«Cumhur» ýaranlygynyň syýasy manýowryny-taktikasyny puja çykarmagyň ýoly jogapkärçilikden gaçman PKK-ä ýarag taşlatdyrmak arkaly mümkin boljaga meňzeýär. HDP-de bu syýasy batyrgaýlyk barmy? Bardyr öýdemok. Mysal üçin:
2011-nji ýylyň 12-nji iýunyndaky saýlawlarda «Parahatçylyk we Demokratiýa» (Demokrasi Partisi/ BDP) partiýasy 44 etrapda garaşsyz talaşgärler bilen 56 halk deputaty ýeňiş gazandy. Aradan on ýyl geçdi. Hiç zat üýtgemedi, legal syýasat mümkinçiliginden ýene bir gezek netije çykarylmady. «Erkinlik blogy» (“Özgürlük Bloku”) ýok bolup gitdi…
PKK her legal gurluş ýaly bu syýasy hereketiňem ýok bolmagyna sebäp boldy. Ine… hut şu hakykat bilen ýüzleşmegi wagty gelmedimi?
Elli ýylymyz terroryň içinde geçdi… Gan syýasaty bilen netije gazanyp bolmaýandygyny HDP gatlaklary görenokmyka? Terroryň gözbaşy Kandile garşy haçan sesini batlandyrarka?
HDP bu pyrryldagy bozmak üçin ýa herekete geçmeli bolar, ýa-da gandan beslenen bu syýasy režim şunlugyna dowam edip gitmeli bolar…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 03.03.2021 ý. Publisisistika